*Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor*

# § 4. Çekimsiz sesler.

**53-nji gönükme.** Okaň we her sözdäki harplardan beýleki harplary göçüriň. Bir harpy iki gezek ýazmaň.

Bag, kagyz, dag, tam, jam, žurnal, oba, ýüz, çeti, ýeň, saç, hoşa, foto, oglan, gyz, owlak, kitap.

**Nusga**. ***B, w, g, d...***

**B, w, g, d, ž, j, z, ý, k, l, m, n, ň, p, r, s, t, f, h, ç, ş — çekimsiz seslerdir.**

**54-nji gönükme**. şygry okaň we her sözdäki sesleri aýdyp beriň. **Eneler**

Ene ýaşaýan öýde,
Bereket bar, tertip bar.
Bu Garaşsyz ülkämde, Ähli
ene bagtyýar.

Gurbansoltan eje-de,
Eneleriň beýigi.
Kän bolsun enelere
Ähli ýürekde söýgi.

.

Türkmen Kitap.com

Eneleriň sözünde

Tükenmejek many bar.

Saparmyrat Serdardan

Enelermiz minnetdar.

G. Çöliýew.

**Bagtyýar, bereket** sözleriniň manysyny sözlükden öwreniň. **55-nji gönükme.** Suratlary synlaň we olaryň atlaryny depderiňize ýazyň.

Ýazan sözlerimzdäki çekimsiz harplaryň aşagyny gçzyň.

  

**56-njy gönukme.** Okaň we çekimsiz harplary aýdyp beriň.

## Meniň jigim.

Meniň jigimiň ady şirin. Ol birinji klasda okaýar. Olary Maral Geldiýewa okadýar. Olar öz mugallymlaryny gowy görýärler.

Mugallymlar çagalara ýazmagy, okamagy öwredýärler. Tertipli, edepli bolmalydygyny aýdýarlar.

Birinji we ikinji sözlemleri göçüriň. çekimsiz harplaryň aşagyny cyzyň.

| | |
|---|---|
| edep | edepli |

**57-nji gönükme.** Harplary okaň we çekimsizleri göçüriň,

**A**, b, ç, d, e, a, f, g, h, i, j, ž, k, l, m, n, ň, o, ö, p, r, s, ş, t, u, ü, w, y, ý, z.

**58-nji gönükme.** Haýwanlaryň atlaryny okaň we her sözdäki çekimsizleri göçüriň. Bir çekimsizi iki gezek ýazmaň.

Tilki, şagal, möjek, gaplaň, ýolbars, köşek, aýy, keýik, sygyr, düýe, pil, eşek, at, göle, geçi, goýun, ýaby.

**Nusga.** ***T, d, r...***

**59-njy gönükme.** Özüňizden tapyp, on sany sözi depderiňize ýazyň. Ol sözlerdäki çekimsizleriň aşagyny çyzyň.

**60-njy gönükme.** şygry okaň. Her sözdäki çekimli we çekimsiz sesleri aýdyp beriň.

## Bary gözel.

Gözel Köpetdagymyzyň

Başyndaky gary gözel.

Jülgesinde bagymyzyň

Alma bilen nary gözel.

Gülüp bakýan Günümiziň

Güneşiniň nury gözel.

Biziň beýik döwrümiziň

Ynsanlarnyň bary gözel.

*M. Garryýew.*

***Jülge*** sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

| | |
|---|---|
| jülge | ynsan |

**61-nji gönükme.** Surata degişli sözlemleri okaň.

Türkmen Kultur.com

# Traktorçy.



Aman traktorçy bolup işleýär. Ol öz süryän traktoryna orän gowy seredýär. Traktoryny hemişe arassa saklaýar.Yaglamaly ýerlerini wagtly-wagtynda ýaglaýar. şonuň üçin hem, onuň traktory mydama saz işleýär.

*Birinji sözlemi göçüriň. Sözleri bogunlara bölüp ýazyň.*

*Her bogundaky çekimli we çekimsiz sesleri aýdyn.*

| | |
|---|---|
| Saz | işlemek |

## 62-nji gönükme. *Okaň we ýatda saklaň.*

**Cekimliler—9 sanydyr: a, e, a, i, o, ö, u, ü, y.**
**Cekimsizler—21 sanydyr: b, ç, d, f, g, h, j, ž, k, l, m, n, ň, p, r, s, ş, t, w, ý, z.**

## 63-nji gönükme. Soraglary okaň we olaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

1.Bir ýylda näçe pasyl bar?

2.Häzir ýylyň haýsy pasly?

3.Indiki pasyl haýsy?

*Ýazan sözlemleriňizdäki çekimsiz harplaryň aşagyny cyzyň.*

## 64-nji gonükme. Şygry okaň we has gara ýazylan sözlerdäki

çekimsiz sesleri aýdyň.

Türkmen Kultur.com

# Aýdere.

Eý**, Aýdere,** Aýdere!

**Tebigaty** baý dere.

Ençe dereler **gördüm,**

Hiç tapmadym taý dere.

Eý**, Aýdere,** Aýdere!

**Tebigaty** baý dere.

Ençe dereler **gördüm,**

Hiç tapmadym taý dere. Eý,

Aýdere, Aýdere,

**Adyň** göwne jaý, dere.

**Gülleriňden** tirmäge

Gelerin men maý, dere!

*A. Kowusow.*

| | |
|---|---|
| tebigat | aýdere |

**65-nji gönükme.** Nakyllary okaň we birinji nakyldaky çekimsiz harplary depderiňize göçüriň.

Ýoda yzlasaň, ýola barar.

Ýola çykaň, ýoldan gaýtmaz.

Akyldan artyk baýlyk ýok.

Gerekli daşyň agramy ýok.

Göwni açygyň ýoly açyk.

**1.** Nakyllaryň manysyny bilşihizçe düşündirjek boluň.

Türkmen Kultur.com

**2.Ýoda** sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

| | |
|---|---|
| ***Ýoda*** | ***baýlyk*** |

**66-njy gönükme.** *H*ekaýajygy okaň we has gara ýazylan sözleri göçüriň. Olardaky çekimsiz harplary aýdyň.

## Mergen aga.

**Mergen aga köpi** gören adam. Ol **bize** käwagtlar **erteki** aýdyp berýär.

Mergen aga köp erteki bilýär. Onuň aýdýan ertekileri orän **gyzykly.**

Biz olary höwes bilen **diňleýaris.**

**67-nji gönukme.** Hekaýajygy okaň. Birinji sözlemi göçüriň. Her sözdäki çekimli we çekimsiz sesleri aýdyň.

## Okuw ýyly.

Okuw ýyly sentýabr aýynda başlanýar. May aýynda gutarýar. Bir okuw ýylynda dort çärýek bar.

Häzir okuw ýylynyň üçünji çärýegi. Iýun, iýul, awgust aýlarynda çgalar dynç alýarlar.

## Soraglara dilden jogap beriň.

1.Bir okuw ýylynda näçe çärýek bar?

2.çagalar haýsy aýlarda dynç alýarlar?

**68-nji gönükme.** Okaň. Soňky üç sözlemi göçüriň we olardaky çekimli sesleri aýdyň.

Türkmen Kultur.com

Biziň Watanymyz Turkmenistan. Ol Garaşsyz, özbaşdak, baky Bitarap döwlet.

Watanymyzyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Nyýazow.

Halkymyz oňa Türkmenbaşy diýýär. Biz Watanymyzy söýýäris, Prezidentimizi hormatlaýarys.

***Özbaşdak*** *sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.*

Türkmen Kultur.com